**Koreýa Respublikasynyň Hökümeti bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak, metrologiýa, laýyklyga baha bermek we tehniki reglamentler babatda**

# ÖZARA DÜŞÜNIŞMEK HAKYNDA ÄHTNAMA

Mundan beýläk «Taraplar» diýlip atlandyrylýan Koreýa Respublikasynyň Hökümeti we Türkmenistanyň Hökümeti,

Koreýa Respublikasynyň we Türkmenistanyň arasynda söwda ulgamynda tehniki päsgelçilikleri aradan aýyrmaga we ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmaga çalyşmagy goldanyp,

deňlik we özara bähbit esasynda standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak, metrologiýa, laýyklyga baha bermek we tehniki reglamentler babatda hyzmatdaşlyk arkaly özara gyzyklanmany saklamaga çalyşmagy goldanyp,

şeýle hem şeýle hyzmatdaşlygyň iki ýurduň ykdysady hyzmatdaşlygyna, söwda gatnaşyklaryna ýardam berer diýip ykrar edip,

şu aşakdakylar barada ylalaşdylar:

## 1-nji madda

Taraplar şu Ähtnamanyň hem-de iki ýurduň kanunlarynyň hem-de düzgünleriniň şertlerine laýyklykda deňlik we özara bähbit esasynda standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak, metrologiýa, laýyklyga baha bermek we tehniki reglamentler babatda hyzmatdaşlygy dowam ederler.

## 2-nji madda

Şu Ähtnama boýunça hyzmatdaşlyk aşakdakylary öz içine alyp biler:

(1) Standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak, metrologiýa, laýyklyga baha bermek we tehniki reglamentler boýunça bilermenleriň saparlaryny we alşylmagyny;

(2) Degişli tehniki maglumatlaryň, şeýle hem isleg bildirilýän maglumatlaryň alşylmagy;

(3) Halkara hem-de sebit guramalarynyň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmek;

(4) Özara gyzyklanma bildirilýän ugurlarda tejribe alyşmak boýunça çäreleri, okuwlary, sergileri, bilelikdäki seminarlary, şeýle hem maslahatlary geçirmegi goldamak;

(5) Özara ylalaşylan şertlerde standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak, metrologiýa, laýyklyga baha bermek, tehniki reglamentler we akkreditirlemek boýunça işleriň netijelerini ykrar etmek;

(6) Iki Tarapyň ylalaşmagy esasynda beýleki ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk etmek.

## 3-nji madda

Şu Ähtnama boýunça hyzmatdaşlyk babatynda ýüze çykýan çykdajylar Taraplaryň özara esasda kabul edilen çözgüdine laýyklykda tölener. Şeýle iş gatnaşyjy ýurtlarda degişli pul serişdeleri we işgärler bolan halatda amala aşyrylar.

## 4-nji madda

1. Şu Ähtnama boýunça hyzmatdaşlyk etmekden alnan hiç bir maglumaty beýleki tarapyň ýazmaça ylalaşygy bolmazdan, täjirçilik we senagat maksatlary üçin Taraplardan biri birtaraplaýyn aýan etmeli däldir.

2. Şu Ähtnama boýunça hyzmatdaşlyk etmegiň barşynda Taraplaryň alyşmagy arkaly alnan ylmy we tehniki maglumatlar diňe Taraplaryň özara ýazmaça ylalaşygy bolanda üçünji tarapa berlip bilner.

## 5-nji madda

Şu Ähtnamanyň düzgünlerini durmuşa geçirmek boýunça şu aşakdakylar Taraplaryň ygtyýarly edaralary bolup durýarlar:

Koreýa Respublikasy üçin - Koreýanyň Tehnologiýa we standartlar boýunça agentligi;

Türkmenistan üçin - «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy.

Taraplaryň ýokarda agzalan ygtyýarly edaralarynyň ady ýa-da wezipesi üýtgän halatda Taraplar bir-birini diplomatik ýollar boýunça habardar ederler.

## 6-njy madda

Şu Ähtnamanyň şertleri Taraplaryň öz ýurtlary gatnaşyjylary bolup durýan beýleki halkara ylalaşyklary boýunça hukuklaryny we borçlaryny çäklendirmeýär.

## 7-nji madda

Şu Ähtnamany düşündirmegiň we ulanmagyň barşynda ýüze çykýan islendik meseleler Taraplaryň arasynda geňeşmeleri geçirmek arkaly çözüler.

## 8-nji madda

Eger täze gurama Taraplaryň birini çalşan we gol çeken tarap hökmünde ozalky borçnamalary kabul eden halatda, şu Ähtnama güýjünde galar. Şeýle häsiýetli islendik üýtgetmeler hakynda Taraplar diplomatik ýollar boýunça öz wagtynda habardar ediler.

## 9-njy madda

Şu Ähtnama Taraplaryň özara ýazmaça ylalaşmagy boýunça üýtgedilip bilner.

## 10-njy madda

Şu Ähtnama Taraplaryň ikisi hem oňa gol çeken gününden güýje girýär.

Şu Ähtnama oňa gol çekilen günden 5 ýyl möhletde güýjünde galar we eger başgaça üýtgedilmese ýa-da bes edilmese, soňraky bäşýyllyk döwürlere öz-özünden uzalar.

Islendik Tarap bu barada beýleki Tarapa azyndan alty aý öňünden habar berip, islendik wagtda şu Ähtnamany bes eder.

Şu Ähtnamanyň bes edilmegi şu Ähtnamanyň çäklerinde onuň bes edilen senesine çenli işe girizilen hyzmatdaşlyk we taslamalar boýunça işleriň hereketine we möhletine täsir etmeýär.

Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 16-njy aprelinde koreý, türkmen we iňlis dillerinde iki asyl nusgada gol çekildi, ähli ýazgylar birmeňzeş güýje eýedir. Düşündirmekde çaprazlyklar ýüze çykan halatda iňlis dilindäki nusga ileri tutular.

성 윤 모

| | |
|---|---|
| **Koreýa Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan** | **Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan** |